# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

## –Her ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat şäheriniň gününiň bellenilmegi türkmen paýtagtynyň ýaşaýjylary üçin guwandyryjy wakalaryň biridir.

BAGTYÝARLYK DÖWRÜNIŇ NURY AŞGABAT

# Aşgabat

ESASLANDYRYJYSY – AŞGABAT ŞÄHERINIŇ HÄKIMLIGI

*№ 21 (10354) 2026-njy ýylyň 21-nji maýy, penşenbe.*





## ŞANLY BAÝRAMYŇ ŞANYNA

18-nji maýda paýtagtymyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Konstitusiýa binasyna we ýurdumyzyň Baş baýdagyna gül goýmak dabaralary geçirildi.

Köpetdagyň ajaýyp künjeginiň gözelligi bilen sazlaşykly utgaşýan Konstitusiýa binasynyň ýanynda Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, daşary ýurtlaryň hem-de halkara guramalaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, hormatly ýaşulular, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, talyplar, medeniýet işgärleri, paýtagtymyzyň köp sanly ýaşaýjylary ýygnandylar. Hemmeler uly ruhubelentlik bilen döwlet Baştutanymyzy mähirli mübäreklediler. Döwlet Baştutanymyz Watanymyzyň özygtyýarlylygynyň, döwlet esaslarynyň, demokratik ýörelgeleriniň bitewüligini, halk häkimiýetliliginiň köpasyrlyk däplerini alamatlandyrýan Konstitusiýa binasyna ajaýyp gül çemenini goýdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň göreldesine eýerip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, Mejlisiň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary, hormatly ýaşulular, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, dabara gatnaşyjylaryň ählisi gül desselerini we çemenlerini goýdular.

Konstitusiýa binasyna gül goýmak dabarasy tamamlanandan soňra, dabaralar Baş baýdak meýdançasynda dowam etdi. Hormatly Prezidentimiz Baş baýdaga ajaýyp gül çemenini goýdy. Soňra dabara gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzyň göreldesine eýerip, gül desselerini goýdular.

**«Aşgabat».**



# HOŞNIÝETLI GATNAŞYKLAR ROWAÇLANÝAR

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Patyşa maşgalasynyň çakylygy boýunça Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynda saparda boldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri saparyň çäginde ir bilen Birleşen Patyşalygyň Windzor galasyna bardy. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyzy Windzor Patyşalyk atçylyk çykyşlarynyň guramaçylyk toparynyň ýolbaşçysy Edward Benýon we Windzoryň guramaçylyk işleri boýunça wekili Sara Ruterford-Jons mähirli garşyladylar. Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Windzor galasynyň çäginde Onuň Alyjenaby, Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň Patyşasy Karl III bilen duşuşdy. Karl III türkmen halkynyň Milli Liderini aýratyn hormat bilen garşylady. Şeýle hem ol Gahryman Arkadagymyz bilen duşuşýandygyna örän şatdygyny nygtady.

Karl III 2015-nji ýylda Türkiýe Respublikasynyň «Çanakkala» ýadygärlikler toplumynda geçirilen çärelerde Milli Liderimiz bilen duşuşandygyny aýdyp, şol duşuşygyň özünde ýatdan çykmajak täsirleri galdyrandygyny belledi. Ol Gahryman Arkadagymyzyň dünýäde uly abraý gazanan meşhur syýasatçy hökmünde tanalýandygyny aýdyp, halkara giňişlikde abraýly Lider bilen duşuşmagyň özi üçin hormatdygyny nygtady. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Patyşa Karl III-ä hormatly Prezidentimiziň iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Bellenilişi ýaly, häzirki döwürde iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň sazlaşykly ösdürilmeginde ýokary derejede geçirilýän duşuşyklara möhüm orun degişlidir.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri Onuň Alyjenaby, Edinburgyň Gersogy Şazada Edward bilen duşuşdy. Şazada Edward Gahryman Arkadagymyzy britan topragynda görýändigine şatdygyny aýtdy. Gepleşikleriň dowamynda Şazada Edward Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa bilen gürrüňdeş boldy.

Duşuşygyň ahyrynda Gahryman Arkadagymyz Beýik Britaniýanyň Patyşasy Karl III-ä, şeýle hem Şazada Edwarda, onuň maşgalasyna Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de halkymyzyň adyndan toý sowgatlaryny gowşurdy.

Milli Liderimiz Beýik Britaniýanyň Patyşasy we Şazadasy bilen bolan duşuşyklarda Patyşa maşgalasynyň agzalaryny şu ýyl ýurdumyzda giňden belleniljek Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýuna hem-de behişdi bedewlerimiz bilen bagly çärelere gatnaşmaga çagyrdy. Bu çakylyklar uly hormat bilen kabul edildi. Şazada Edward Gahryman Arkadagymyz bilen geçirilen gepleşikleriň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşiniň taryhyna täze sahypany ýazjakdygyny belledi we munuň üçin hoşallyk bildirdi.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Windzor galasynyň çäklerinde ýaýbaňlandyrylan atly sport çykyşlaryna tomaşa etdi. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde ahalteke bedewlerine bagyşlanan sergini synlady.

Milli Liderimiz Windzor galasynda Azerbaýjan Respublikasynyň Döwlet serhet gullugynyň başlygy Elçin Guliýew bilen duşuşdy. Ol Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize mähirli salamyny ýetirdi we dostlukly ýurduň döwlet Baştutanynyň ýörite sowgatlaryny gowşurdy. Gahryman Arkadagymyz minnetdarlygyny bildirip, Prezident Ilham Aliýewe hoşniýetli sözlerini beýan etdi. Soňra Halk Maslahatynyň Başlygy bu ýerde Azerbaýjan Respublikasynyň atly ýigitleriniň görkezme çykyşlaryna tomaşa etdi. Soňra Gahryman Arkadagymyz hemmeler bilen mähirli hoşlaşyp, Windzor galasyndan ugrady.

Milli Liderimiziň bu sapary Türkmenistan bilen Beýik Britaniýanyň arasynda dürli ugurlardaky hyzmatdaşlygyň geljegi uly mümkinçiliklerini kesgitlemekde täze gözýetimleri açdy.

**«Aşgabat».**

# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Kazan şäheriniň «Yslam dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň maslahatyndaky

# ÇYKYŞY

*(Kazan şäheri, 2026-njy ýylyň 14-nji maýy)*

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***
***Hanymlar we jenaplar!***

Ilki bilen, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Nurgaliýewiç Minnihanowa we ähli russiýaly dostlarymyza hem-de kärdeşlerimize «KazanForum — 2026» halkara çärelerine gatnaşmaga çakylyk, bildirilen myhmansöýerlik, netijeli işlemäge döredilen ajaýyp şertler üçin tüýs ýürekden minnetdarlygymy bildirmäge rugsat ediň!

Halkara ykrarnama eýe bolan Kazan forumy her ýyl öz meýdançalarynda dünýäniň dürli ýurtlaryndan we halkara guramalardan ýokary derejeli wekiliýetleri jemläp, ugurlaryň giň gerimi boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin şertleri döredýär. Şu ýyl hem, ozal bolşy ýaly, Tatarystanyň paýtagtynda halkara ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary mundan beýläk-de çuňlaşdyrmaga gönükdirilen birnäçe möhüm çäreler geçirilýär. Şolaryň hatarynda Yslam dünýäsiniň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ICESCO) Baş maslahatynyň 15-nji mejlisini aýratyn bellemek gerek. Biz bu duşuşygy durnukly ösüşi üpjün etmegiň, halklaryň arasyndaky özara düşünişmegi pugtalandyrmagyň, parahatçylyk medeniýetini ilerletmegiň wajyp şerti hökmünde ynsanperwer ulgamdaky köptaraplaýyn dialogy işjeňleşdirmek üçin amatly mümkinçilik hasaplaýarys.

Häzirki zaman ählumumy özgerişler şertlerinde özboluşlylyk we däp bolan gymmatlyklar esasynda medeni köpdürlüligi gorap saklamak aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Şunuň bilen baglylykda, halkara guramalaryň işi, olaryň durmuş ulgamynda döwletleriň tagallalaryny birleşdirmekdäki orny has-da möhümdir. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan ICESCO-nyň giň we netijeli ynsanperwer hyzmatdaşlyga ýardam bermäge, yslam medeniýetiniň beýik siwilizasion binýadyny, onuň ynsanperwer gymmatlyklaryny gorap saklamaga we baýlaşdyrmaga, ylymda, bilimde, medeniýetde gazanylanlary goldamaga hem-de ilerletmäge gönükdirilen abraýly halkara gurama hökmündäki işine ýokary baha berýär. Ýaşlaryň intellektual mümkinçiliklerini ösdürmek, olary dünýä ýurtlarynyň baý taryhy-medeni mirasy bilen tanyşdyrmak ugrundaky işjeň, guramaçylykly hereketler şu günki günde örän ähmiýetli bolup durýar.

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň esasyny Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary bilen üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk ýörelgeleri düzýär. Bu bolsa parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk, giň halkara hyzmatdaşlyk syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirmek üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat edýär. Şeýle hem Bitaraplyk hukuk derejesi Türkmenistanyň bitewi we uzak möhletleýin medeni-ynsanperwer strategiýasyny amala aşyrmagyň esasy şertidir. Türkmenistan ynsanperwer häsiýetli esasy halkara konwensiýalara, şertnamalara goşuldy hem-de Milletler Bileleşigi bilen bilelikde olary milli we ählumumy derejede iş ýüzünde durmuşa geçirmek ugrunda tagalla edýär. Şu nukdaýnazardan, ÝUNESKO bilen ýakyn hyzmatdaşlykda ýurdumyzda köp ýyllaryň dowamynda türkmen halkynyň taryhy-medeni, tebigy mirasyny gorap saklamak boýunça giň gerimli işleriň alnyp barylýandygyny bellemek gerek. Netijede, şu güne çenli Türkmenistanyň çäginde 1 müň 500-den gowrak taryhy we medeni ýadygärlik hasaba alyndy. Gadymy Merwiň, Köneürgenjiň taryhy desgalarynyň, Nusaýyň Parfiýa galalarynyň dünýä siwilizasiýasynyň ajaýyp ýadygärlikleri hökmünde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi has-da ähmiýetli wakalardyr.

Ýurdumyzda maddy däl medeni mirasy gorap saklamaga hem aýratyn üns berilýär. Häzirki wagtda olaryň köpüsi, şol sanda türkmen milli halyçylyk sungaty, dutar ýasamak senetçiligi we dutarda saz çalmak hem-de bagşyçylyk sungaty, ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri, türkmen alabaý itlerini ösdürip ýetişdirmek däpleri ÝUNESKO-nyň degişli sanawlaryna girizildi. Şu günki günde biz Türkmenistanyň daşary syýasatynda medeni meseleleri işjeň öňe sürýäris, bilim, ylym, sungat we medeniýet ulgamlaryndaky möhüm meseleleri çözmäge gönükdirilen täze başlangyçlary taýýarlamak hem-de durmuşa geçirmek boýunça işleri alyp barýarys.

Şunda eýýäm kemala gelen we köptaraplaýyn özara hyzmatdaşlygyň netijeli görnüşleri hökmünde özüni görkezen taslamalaryň çäklerindäki bilelikdäki işimiziň oňyn tejribesiniň gatnaşyklaryň mümkinçiliklerini artdyrmak üçin berk binýat bolup hyzmat edýändigine ynanýarys. Şolaryň hatarynda, ilkinji nobatda, «Yslam dünýäsiniň medeni paýtagty» taslamasyny görkezmek bolar. Bu taslamanyň amala aşyrylmagy biziň ýurtlarymyzyň her birine öz halklarynyň köpasyrlyk medeni gazananlary, däp-dessurlary, ruhy-medeni gymmatlyklary bilen tanyşdyrmaga mümkinçilik berýär. Pursatdan peýdalanyp, men Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň ýolbaşçylaryny Kazan şäherine 2026-njy ýylda «Yslam dünýäsiniň medeni paýtagty» derejesiniň berilmegi bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

Türkmenistan ICESCO-nyň işine uly hormat bilen garaýar we bu gurama bilen hyzmatdaşlygy ösdürmegi halkara ynsanperwer syýasatynyň möhüm ugry hasaplaýar. Biz ICESCO bilen özara gatnaşyklary giňeltmäge, guramanyň ugurdaş başlangyçlaryna gatnaşmaga, dürli ugurlar boýunça amaly hyzmatdaşlygy ösdürmäge gyzyklanma bildirýäris. 2026-njy ýylyň martynda Türkmenistanyň ICESCO-da ýurdumyza synçy derejesini bermek baradaky resmi hatynyň iberilmegi biziň üçin aýratyn ähmiýete eýedir.

Biziň tarapymyzdan bu möhüm halkara düzümiň işine goşulmaga Türkmenistanyň bilim, ylym, medeniýet ulgamlaryndaky halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde ähmiýetli tapgyr hökmünde garalýar. Munuň ýurdumyzyň maksatnamalara yzygiderli we köpugurly görnüşde gatnaşmagy, iň gowy tejribeleri alyşmagy, gurama agza döwletler bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmagy üçin täze goşmaça meýdançany döretjekdigine ynanýaryn. Şunuň bilen baglylykda, şu gün siziň garamagyňyza mundan beýläkde bilelikdäki işimiz üçin döredijilikli itergi we ugur berip biljek birnäçe anyk teklipleri hödürlemek isleýärin.

Birinjiden, taryhy miras.

Türkmenistan yslam ýurtlarynyň taryhy-medeni mirasyny gorap saklamak we baýlaşdyrmak boýunça ICESCO-nyň uzak möhletleýin Strategiýasyny işläp taýýarlamaga girişmegi teklip edýär. Diňe bir öwrenmäge we ylmy barlaglara däl-de, eýsem, edebi-publisistik eserleri, kinofilmleri döretmek, wirtual muzeýleri, galereýalary, beýleki giň elýeterli internet meýdançalaryny guramak arkaly yslam medeni mirasyny işjeň ilerletmäge ünsi jemlemegi maksadalaýyk hasaplaýarys.

Ikinjiden, bilim we magaryf işi.

Biz «Yslam şygryýet dialogy: paýhas we asyrlaryň baglanyşygy» atly giň gerimli maksatnamany durmuşa geçirmek baradaky başlangyjy öňe sürýäris. Biziň we dünýäniň beýleki ýurtlarynyň jemgyýetçiligini gadymy döwürlerden häzirki wagta çenli yslam şygryýetiniň hem-de filosofik mirasynyň iň gowy eserleri bilen giňden tanyşdyrmak taslamanyň maksady bolar. Liriki we şahyrana pikiriň beýany bolmagy yslam filosofiýasynyň taryhy aýratynlygydyr. Şonuň üçin ilkinji ädim hökmünde musulman dünýäsiniň görnükli şahyrlarynyň, akyldarlarynyň, filosoflarynyň, şeýle hem özüni yslama, yslam medeni koduna, dünýägaraýşyna degişli hasaplaýan awtorlaryň eserlerini öz içine aljak «Yslam şygryýetiniň bütindünýä antologiýasyny» döretmek barada oýlanmagy teklip edýäris.

Üçünjiden, Türkmenistan yslam dünýäsiniň «akylly» şäherler diplomatiýasy başlangyjyny öňe sürýär.

Biz birnäçe döwletlerde, şol sanda Türkmenistanda «akylly» şäherleri döretmegiň döwlet syýasatynyň ugry hökmünde işjeň ösdürilýändiginden ugur alýarys. Şu günki günde «akylly» şäher diýmek — bu intellektiň, döredijiligiň, binagärligiň, medeniýetiň, ylmyň, tehnologiýalaryň, estetikanyň we durmuş bilimleriniň utgaşmasydyr. Ýagny ICESCO-nyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň esasyny düzýän düşünjelerdir. Şol sebäpli hem hut şu guramanyň mejlisinde «akylly» şäherler diplomatiýasy arkaly yslam ýurtlarynyň arasynda ösüşiň bu geljegi uly ugrunda tejribeleri, bilimleri we meýilnamalary alyşmagyň hyzmatdaşlyk hem-de hünär gurallaryny ýola goýmagy ýerlikli hasaplaýarys. Biziň beýan eden tekliplerimize we pikirlerimize düýpli serediljekdigine umyt edýäris.

Sözümiň ahyrynda Türkmenistanyň parahatçylyk we döredijilik, medeni köpdürlülik, durnukly ösüş ýörelgelerine ygrarlydygyny tassyklamak isleýärin. Bilimiň, ylmyň we medeniýetiň döwletleri hem-de halklary birleşdirmäge ukyply ählumumy gymmatlyklardygyna ynanýarys. Türkmenistan mundan beýläk-de siwilizasiýalaryň arasyndaky dialogy ösdürmäge, özara ynamy, düşünişmegi pugtalandyrmaga öz goşandyny goşmaga, döwletara gatnaşyklarda ynsanperwer taglymlary we gymmatlyklary ilerletmäge işjeň gatnaşmaga taýýardyr. ICESCO-nyň Baş maslahatynyň 15-nji mejlisiniň netijeleriniň bu maksatlara ýetmäge ýardam etjekdigine ynam bildirýäris.



2026-njy ýyl — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan —

TOÝUŇ TOÝLARA ULAŞSYN, HAS BATLANSYN BEDEW BADYŇ,




## Waspyň dillerde dessan



Şu ýylyň 19-njy maýynda Aşgabat şäheriniň «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy» seýilgähinde Aşgabat şäheriniň 145 ýyllygy mynasybetli «Aşgabat — ýşkyň we gözelligiň şäheri» atly aýdym-sazly dabara hem-de «Aşgabat» gazetiniň redaksiýasynyň, Aşgabat şäher häkimliginiň, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäher geňeşiniň bilelikde yglan eden «Arkadagly Gahryman Serdarly ak şäherim Aşgabat!» atly döredijilik bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy. Oňa bäsleşigiň guramaçylary we ýeňijileri, talyp ýaşlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleri gatnaşdylar.

Dabarada çykyş edenler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň «Biz paýtagtymyzyň häzirki döwründe gazanan üstünliklerine, ajaýyp binagärlik keşbine buýsanýarys» diýen ajaýyp sözlerinden ugur alyp, ak şäherimiz Aşgabadyň binagärlik aýratynlyklaryny, gözellik taýdan kämil, ekologik abadançylygyny, ýaşaýyş üçin döredilen şertlerini, ýetilen belent sepgitlerini, beýik ösüşlerini buýsanç bilen bellediler.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda döwlet Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy, şeýle-de Aşgabat şäheriniň 145 ýyllygy mynasybetli yglan edilen döredijilik bäsleşiginiň şertleri oňa hödürlenilýän eserlerde (makalalarda we oçerklerde) Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň başyny başlan şähergurluşyk syýasatynyň durmuşa geçirilmegi netijesinde ak mermerli paýtagtymyzyň ösüşlerini açyp görkezmekden, wasp etmekden ybarat boldy.

Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň uly mugallymy Ýegendurdy Ýagmyrow, Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň uly ylmy işgäri Aýgözel Nurlyýewa, Aşgabat gazetiniň jogapkär kätibiniň orunbasary Mekan Annaýew hem-de «Watan» gazetiniň fotohabarçysy Maksat Gylyjow ýeňijiler diýip yglan edildiler. Olara Hormat haty, gymmat bahaly sowgatlar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**Ýörite habarçymyz.**




# Baky baharyň mekany

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda eziz Diýarymyz ösüşleriň ýolunda bedew bady bilen öňe barýar. Gözel paýtagtymyz Aşgabat Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde taryhy ösüşleri başdan geçirýär. Paýtagt şäherimiz Aşgabat ildeşlerimiziň iň söýgüli şäherine öwrülýär. Binagärlik sungatyny özünde jemleýän paýtagtymyz aýdymlarda wasp edilýär. Her ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat şäheriniň güni dabaraly bellenilýär. Paýtagtymyzyň täze, döwrebap keşbi emele gelýär. Paýtagtymyzyň desgalarynyň birnäçesiniň dünýä binagärliginiň ajaýyp täsinligi hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyndan orun alandygy, şeýle hem Aşgabat şäherine «Şäherlerdäki baglar» atly başlangyja bag ekmek çäreleri arkaly goldawy we oňa goşan goşandy üçin halkara güwänamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady komissiýasy tarapyndan berlendigi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. 2020-nji ýylyň 1-nji maýynda bolsa Aşgabat şäheri Syýahatçylyk şäherleriniň Bütindünýä Federasiýasynyň agzalygyna kabul edildi. Bularyň ählisi eziz Diýarymyzyň ösüşleriň täze belentliklerine tarap bedew bady bilen aýgytly gadam urýandygynyň ajaýyp miwesidir.

Mälim bolşy ýaly, 2023-nji ýylda Aşgabat şäheri «Dizaýn» ugry boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) döredijilik şäherleriniň toruna girdi, 2024-nji ýylyň 24-nji maýynda paýtagtymyzda geçirilen GDA-nyň Hökümet Baştutanlarynyň nobatdaky mejlisiniň çäklerinde Aşgabat şäheri «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edildi. Aşgabatdaky Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumy bolsa Aziýanyň Tennis federasiýasy tarapyndan «Tennis boýunça Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip ykrar edildi. Bu maglumatlaryň özi paýtagtymyzyň ähli ugurlar bilen bir hatarda, dünýäniň iri sport merkezi hökmündäki ornuny hem aýdyň görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ak şäherimiz Aşgabady okgunly ösdürmek we abadanlaşdyrmak, paýtagtymyzyň ösüşini hil taýdan täze derejä çykarmak ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 24-nji maddasynda «Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäheridir» diýlip bellenilendir. 2016-njy ýylyň 26-njy martynda kabul edilen «Türkmenistanyň paýtagtynyň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny hem paýtagtymyzyň hukuk ýagdaýyny kesgitleýär. Bu Kanun Aşgabat şäheriniň wezipelerini amala aşyrmagyň hukuk, guramaçylyk we ykdysady şertlerini berkidýär. Paýtagtymyz Türkmenistanyň syýasy, ykdysady, dolandyryş, ylmy we medeni merkezi bolup durýar.

Şähergurluşyk-binagärlik ulgamynyň kanunçylyk hukuk gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi hem-de binalar, desgalar gurlanda öňdebaryjy halkara tejribäniň gazananlarynyň ulanylmagy pudagyň ösmegine oňaýly täsirini ýetirýär.

Paýtagtymyz Aşgabat dünýäniň iň gözel we has oňaýly şäherleriniň biri hökmünde öz derejesini barha ilerledýär. Öňdebaryjy binagärlik ýörelgeleri, inženerçilik-tehniki çözgütler milli binagärlik däpleri bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýar. Paýtagtymyzda we welaýat merkezlerinde ajaýyp binalar, durmuş ulgamyna degişli desgalar ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary, önümçilik kärhanalary yzygiderli ulanylmaga berilýär.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly: «Aziýanyň merjen şäheri» diýen ykrarnama eýe bolan paýtagtymyzda amala aşyrylýan ägirt uly gurluşyklar türkmenistanlylaryň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen döredijilikli, durmuş ugurly döwlet syýasatymyzyň aýdyň netijesidir. Ak mermerli Aşgabat Ýurdumyzyň kuwwatynyň has-da artýandygynyň, dowam edýän özgertmeleriň üstünliklere beslenýändiginiň nyşanydyr».

Häzirki wagtda Aşgabat şäherinde nusgalyk işler ýokary depginlerde amala aşyrylýar. Beýik, owadan binagärlik toplumlary, giň şaýollar, ýokary amatlyga eýe bolan ýaşaýyş jaýlary, gök zolakly seýilgähler, köp sanly suw çüwdürimleri bolan ak mermerli paýtagtymyz gysga döwrüň içinde Merkezi Aziýanyň hakyky merjenine öwrüldi. Şunda gurluşyk we binagärlik ulgamynda innowasion tehnologiýalary hem-de iň gowy dünýä tejribesini ornaşdyrmak işleri giň gerimli alnyp barylýar. Ýurdumyzda önümçilik we medeni-durmuş maksatly örän köp desgalardyr binalar gurulýar. Şäheriň çäginde hereket edýän esasy senagat pudaklary bolan elektroenergetika, azyk, ýeňil senagatyna, maşyn gurluşygyna, metal işläp bejeriji pudaga, gurluşyk materiallary senagatyna, ulag toplumyna we beýleki pudaklara halkara standartlaryna laýyk gelýän öňdebaryjy sanly tehnologiýalar we ýokary öndürijilikli tehniki enjamlar üstünlikli ornaşdyrylýar. Aşgabat agzybirligiň, asudalygyň we abadançylygyň merkezine öwrülýär.

Ýurdumyzyň baş şäheri — baky baharyň mekany. Gözel Diýarymyzy, mähriban halkymyzy ösüşleriň täze belentliklerine tarap alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Aýgözel NURLYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň uly ylmy işgäri.**

bedew batly at-myradyň mekany» ýyly

ARKADAGLY SERDAR BILEN GÜLLÄP ÖSÝÄN AŞGABADYM!




# BINAGÄRLIK SUNGATYNYŇ DÜRDÄNESI



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen paýtagtymyz Aşgabat diňe bir ýurdumyzyň syýasy we medeni merkezi bolman, eýsem, dünýäniň iň owadan we binagärlik taýdan kämil şäherleriniň biri. Ak mermerli binalaryň, giň şaýollaryň we owadan seýilgähleriň sazlaşygy Aşgabady binagärlik sungatynyň hakyky dürdänesine öwürdi. Bu ösüşleriň binýadynda bolsa milli binagärlik däpleri bilen döwrebap innowasiýalaryň ajaýyp utgaşmasy bar.

Aşgabadyň binagärlik keşbiniň özgermeginde Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň hem mynasyp goşandy bar. Institutymyzyň uçurymlary we ýaş alymlary paýtagtymyzyň binalarynyň taslamalaryny düzmäge, gurluşyk serişdeleriniň hilini barlamaga we şäher gurşawyny kämilleşdirmäge işjeň gatnaşýarlar. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda bitirilýän işleriniň esasy ugruny «akylly» şäher konsepsiýasy, energiýa tygşytlaýjy «ýaşyl» binalar we seýsmiki durnuklylyk tutýar. Institutymyzda talyplar tarapyndan işlenip düzülen döwrebap taslamalar Aşgabadyň geljekki binalarynyň we desgalarynyň nusgasy bolup hyzmat edýär. Mysal üçin, talyplar tarapyndan hödürlenýän binalaryň bezeginde milli nagyşlaryň döwrebap nusgalarynyň ulanylmagy şäheriň gözelligine täze öwüşgin çaýýar.

Institutymyzda her ýyl döwlet derejesinde bellenilýän Aşgabadyň gününe bagyşlanyp halkara ylmy-amaly maslahat geçirilýär. Şu ýylyň 21-nji maýynda-da sanly ulgam arkaly «Ak şäher Aşgabat — binagärlik sungatynyň dürdänesi, ylmy-innowasiýalaryň mekany» atly halkara ylmy-amaly maslahaty geçirmek meýilleşdirildi. Bu maslahatyň maksady ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň, aspirantlarynyň, talyplarynyň, şeýle hem ylmy edaralaryň alymlarynyň we kompaniýalaryň hünärmenleriniň arasynda dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmak we özara bähbitli ylmy maglumatlary hem-de tejribe alyşmak bolup durýar.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli geçirilýän çäreler baý mazmuny bilen tapawutlanyp, olar paýtagtymyzyň dost-doganlyk we hyzmatdaşlyk merkezi hökmünde eýeleýän ornuny has-da pugtalandyrýar. Ylmy nukdaýnazardan seredilende, Aşgabadyň binagärlik keşbi taryhy mirasyň we sanly tehnologiýalaryň bitewüligidir. Şäher gurluşygynda ulanylýan ak mermer diňe bir bezeg däl, eýsem yssy howa şertlerinde termiki durnuklylygy üpjün edýän maddy esasdyr. Institutymyzyň barlaghanalarynda ýerli çig mallardan taýýarlanylýan gurluşyk serişdeleri paýtagtymyzda gurulýan binalarda giňden ulanylýar. Bu bolsa binagärlik sungatynyň diňe bir daşky gözelligi üpjün etmek bilen çäklenmän, düýpli ylma esaslanýandygyny-da görkezýär. Şeýle hem Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda alnyp barylýan ylmy-barlag işleriniň netijeleri Aşgabadyň infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilendir.

Geljekde hem ylym bilen tejribäniň utgaşmagy netijesinde, paýtagtymyz täze binagärlik ýadygärlikleri bilen baýlaşar we geljekki nesiller üçin milli buýsanjyň nyşany hökmünde hyzmat eder.

**Kümüş ALLABAÝEWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**

# GÖZELLIGIŇ NUSGASY



Aşgabat — Aziýanyň merjeni, owadanlygyň, gözelligiň nusgasy. Aşgabat geçmişiň gahrymançylygy bilen geljegiň döwrebaplylygyny özünde jemleýän sungat eseridir. Ak mermerli paýtagtymyz Aşgabat diňe bir döwletiň dolandyryş merkezi bolman, eýsem, türkmen halkynyň döredijilik ukybynyň, agzybirliginiň we geljege bolan uly ynamynyň belent nyşanydyr. Gysga wagtyň içinde dünýäniň iň owadan şäherleriniň birine öwrülen Aşgabat bu günki günde özüniň binagärlik keşbi we ekologik abadançylygy bilen bütin dünýäni haýran galdyrýar.

Günüň nuruna lowurdaýan ak mermer binalar şäheriň tämizligini we täze belentlikleri alamatlandyrýar. Ak mermerli binalaryň iň köp jemlenen şäheri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna giren paýtagtymyz gündizine Günüň nuruna, gijesine yşyklandyryş ulgamlary arkaly lowurdaýar. Şäheriň töweregini gurşap alýan ýaşyl zolaklar, seýilgähler we biri-birinden owadan çüwdürimler howanyň tämizligini üpjün edýär. Binalarda milli äheňler bilen döwrebap tehnologiýalar utgaşýar. Ahalteke bedewleriniň, türkmen haly gölleriniň we ak bugdaýyň şekilleri binalaryň bezegine aýratyn öwüşgin berýär. Munuň özi şäheriň her bir künjeginde milli ruhuň bardygyny subut edýär. Döwletimiziň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgesi Aşgabadyň mysalynda aýdyň görünýär. Döwrebap mekdepler, çagalar baglary, saglygy goraýyş merkezleri we sport desgalary her bir raýatyň bagtyýar ýaşamagy üçin hyzmat edýär.

Aşgabat diňe bir döwrebap binalaryň mekany däl, eýsem, gadymy medeniýetleriň hem merkezidir. Bu şäheriň taryhy örän gyzykly wakalara baýdyr. Şäheriň golaýynda ýerleşýän Nusaý galasy uly şan-şöhrata eýe bolan şäherdir. Ol Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky möhüm şäherleriň biri bolupdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Aşgabat düýbünden täze keşbe eýe boldy, gysga wagtyň içinde dünýäniň iň owadan we ak mermerli binalara baý şäherine öwrüldi. Bu günki gün Aşgabat giň şaýollary, ajaýyp seýilgähleri, suw çüwdürimleri we täzeçil binagärlik desgalary bilen tapawutlanýan dünýä derejesindäki döwrebap paýtagtdyr. Aşgabat her birimiziň joşgunly ylhamymyz, buýsanjymyzdyr.

**Maýagözel MERETGULYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň talyby.**



## Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabyndaky hekaýatlar we rowaýatlar ummanyndan



**... Bir gün Soltansöýün öz wezirlerini ýygnap, özüne daşdan telpek tikip bermeklerini buýrupdyr. Wezirler näme etjeklerini bilmän, köp gamgyn bolupdyrlar. Olaryň biri Myrala ýüz tutmagyň gerekdigini aýdypdyr. Ol mysapyrsyrap, Myralynyň ýanyna barypdyr. Oňa bolan wakany gürrüň berip:**

**— Indem näme etjegimizi bilemzok, özüň kömek edäýmeseň. Ýeri, daşdan nädip telpek tikip bolar?! — diýip sorapdyr.**

**— Ol asla kyn iş däl-ä — diýip, Myraly Soltansöýüniň ýanyna barypdyr-da:**

**— Şahym, daşdan telpegi men tikjek — diýipdir. Soltansöýüniň göhi gelipdir. Ol:**

**— Bolýar, onda iki-üç günden ýetişdirersiň-dä — diýipdir.**

**Myraly üç günden soň patyşanyň huzuryna gelipdir. Soltansöýüň daşdan telpek görmek tamasy çykmandygy üçin, oňa gaharly sowal beripdir:**

**— Telpegi ýetişdirmediňmi?**

**Myraly asla darykmandyrda oňa:**

**— Ýok, patyşahym, ýetişdirip bilmedim, tikmäge sapak tapmadym — diýipdir. Soltansöýün:**

**— Oňa nähili sapak gerek? — diýipdir. Myraly:**

**— Söwüdiň külünden sapak gerek — diýipdir. Soltansöýün:**

**— Seniň kelläňe näme gelýär, Myraly, heý, söwüdiň külünden sapak bardygyny eşitdiňmi?! — diýipdir.**

**— Daşdan telpek bolsa, ol hem bolar, şahym! — diýip, Myraly ýeserlik bilen ýylgyrypdyr. Soltansöýüne hem dostunyň ugurtapyjylygyna haýran galyp, ýylgyrmakdan başga alaç galmandyr.**

## «BEDEW ATLAR ADAM ÝALY SYZÝA... »

### *«Alnymda Magtymguly» makalalar toplumyndan*

Hormatly Prezidentimiz «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitabynda: «Gündogaryň beýik akyldary, türkmeniň beýik şahyry we filosofy Magtymguly Pyragynyň eserleri ähli döwürler üçin bahasyna ýetip bolmajak ruhy gymmatlykdyr. Magtymgulynyň öz şygyrlarynda ýüzlenmedik temasy ýok diýen ýaly» diýip, jaýdar belleýär. Hormatly Prezidentimiziň dana pikirlerinden ugur alyp, söz ussady Magtymgulynyň eserlerini türkmen durmuşynyň ensiklopediýasy hasaplamak bolar. Çünki dünýä akyldarynyň eserlerinde durmuşyň ähli meseleleri aýdyň beýanyny tapýar.

Magtymgulynyň eserlerinde ýüzlenen mowzuklarynyň hatarynda bedew atlar hakyndaky şygyrlar aýratyn orny eýeleýär. Akademik Ý.E.Bertelsiň bellemegine görä, şahyryň «Turgul diýdiler» goşgusynda oglan mahaly başyndan geçiren ruhy ahwalaty beýan edilip, bedew at wakanyň jümmüşinde hereket edýär:

*Bir atyň ardyna meni aldylar,*
*Seýranda şol jaýa baryp durdular,*
*Tamam oturdylar, mejlis gurdular,*
*«Oglan, — maňa, ara girgil» diýdiler.*

Soňra söz ussady bu ugurda «Aty gerek», «Ata meňzär», «Atça bolmaz», «At ýanynda bellidir», «Başy gerekdir», «Meýdan ýoluksa», «Depe nedir, düz nedir», «Soňudagy», «Habar ber — şeýledir!» ýaly birnäçe goşgulary döredipdir. Şahyr «Är ýanynda bellidir» goşgusynda:

*Bu dünýäniň myrady —*
*At, zagyfdyr, zürýady —*

— diýip, durmuşda ýigide gerek bolan esasy üç zady kesgitleýär. Soňra bu pikirini «Zat ýagşy» goşgusynda ösdürip, şeýle diýýär:

*Ýigidiň dünýäde üçdür myrady:*
*Mahbup gerek, ýarag gerek, at ýagşy.*

Türkmen bedewine syzgyrlygyň mahsusdygy bellidir. Bu ýagdaý Magtymgulynyň «Habar ber — Şeýledir!» goşgusynda «Bedew atlar adam ýaly syzýa» diýen setirlerde açyk-aýdyň beýan edilýär.

Daş-töwerek — tebigatdaky keşpleri suratkeşlik bilen beýan etmek Magtymgulynyň döredijiligine mahsus alamat. Şahyryň suratkeşlik galybynda işlän şygyrlary okyjynyň beýan edilýän wakany göz öňüne getirip, ýadynda galmagyna oňyn täsir edýär. Bu ugurda şahyryň «Ata meňzär» goşgusy şekil açmak däbiniň ajaýyp nusgasydyr:

*Oba daşyndaky depe,*
*Eýerlenen ata meňzär.*

Bedew atyň gözelligi — syraty, boýy, görki, hereketi şahyryň galamynyň astynda inçe duýga ýugrulan sözleriň üsti bilen beýan edilipdir:

*Ýigit köňlüne sygynan,*
*Atyň görki reftarydyr.*
*Ile-ulusa hoş gelen*
*At, gylyç, är güftarydyr.*

Magtymguly Pyragy Gündogar edebiýatynda folklorçylyk edebiýatynyň, hyýaly-çeper däbiň ussadydyr. Dana akyldaryň galamyndan çykan «Byragyň» goşgusy bu ugurda döreden ajaýyp şygyrlarynyň biridir.

**Atamyrat ŞAGULYÝEW.**

## Seýilgähde seýranda





## Güller bu zeminiň görki, zynaty

Düýn Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň we Aşgabat şäher häkimliginiň bilelikde guramagynda bezeg baglary we güller arkaly landşaft dizaýn kompozisiýasyny taýýarlamak boýunça Aşgabat şäher häkimliginiň Jemagat hojalygy müdirliginiň kärhanalarynyň arasynda yglan edilen «Ak şäherim gül-gülüstan — bedew batly Türkmenistan!» atly bäsleşigiň ýeňijisini sylaglamak dabarasy geçirildi. Aşgabat şäheriniň «Parahat — 7» ýaşaýyş toplumyndaky seýilgähde geçirilen dabara hakyky baýramçylyk şowhunyna beslendi.

Tebigatyň döreden ajaýyplyklary ynsan durmuşyna bezeg hem-de gözellik berýär. Bäsleşigiň çäklerinde döredilen täsin landşaft dizaýn kompozisiýalary, dürli reňkli güllerden emele gelen ajaýyp bezegler paýtagtymyzyň gözelligine gözellik çaýdy. Ýakymly ysy, gözel görnüşi bilen ähli ýaşdaky adamlary özüne bendi edýän älemgoşar reňkli güller bu ýere gelenlerde ýakymly duýgulary oýardy. Şeýle-de dabaranyň dowamynda ajaýyp güller barada aýdylanlar «Ak şäherim gül-gülüstan — bedew batly Türkmenistan!» atly bäsleşige gatnaşyjylarda örän täsirli duýgulary galdyrdy.

Dabaranyň ahyrynda bäsleşikde aýratyn tapawutlanan we ýeňiji bolan kärhananyň işgärlerine guramaçylar tarapyndan dabaraly ýagdaýda sowgatlar gowşuryldy. Dabara gatnaşyjylar ýurdumyzy gülledip ösdürýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ýürekden çykýan hoşallyklaryny beýan etdiler.

**Ýörite habarçymyz.**

## Kalbymyzyň senasy

Düýn Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň we Aşgabat şäher häkimliginiň bilelikde guramagynda Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli «Bedew batly ösüşlerde güller açýar Aşgabat» atly şygar astynda paýtagtymyzyň gözel ýerlerine döredijilik gezelenji guraldy. Oňa ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, medeniýet we sungat işgärleri, Aşgabat şäheriniň ýaşaýjylary, şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň beýik işlerini mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallasy netijesinde ösýän, gülleýän ak şäherimiz Aşgabatda gurulýan medeni-durmuş maksatly ajaýyp binalar, ter güllere, al-ýaşyl baglara bürenip oturan suw çüwdürimli seýilgähler köpleri haýran galdyrýar. Gezelenjiň dowamynda sungat işgärleri, şahyrlar, döredijilik bilen gyzyklanýan talyp ýaşlar «Ak şäherim Aşgabat» monumentinde, döwrebaplaşdyrylan «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy» seýilgähinde, «Ylham» seýilgäh toplumynda bolup, öz ýürek buýsançlaryny goşgy setirleri bilen beýan etdiler. Halypa bagşy-sazandalaryň gözel paýtagtymyzy wasp edýän aýdymsazlarynyň uly joşgun bilen ýaňlanmagy gezelenjiň şatlyk-şowhunyny has-da artdyrdy. Bu çärä gatnaşanlar paýtagtymyzy dünýäniň öňdebaryjy şäherleriniň hataryna çykarýan, türkmen halkyna asuda, abadan durmuşda ýaşamagy üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

**Maýagözel GOŞAÝEWA,**
**«Aşgabat».**





*Ajaýyp binalaryň öwüşgini*

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— Ýurdumyzyň baş şäheri ajaýyp binagärlik çözgütleri bolan täze desgalaryň we kaşaň binalaryň gurulmagy bilen barha gözelleşýär.**



# Aziýanyň merjeni

Gözellik diýlen düşünjäniň ynsanyň kalbynda orun tapmagy üçin onuň belli bir derejede gadyr-gymmaty bolmaly. Älemi ýaşyl dona bürän baharda paýtagtymyzyň köçelerinden geçip barýarkaň, biygtyýar hyýal ummanynda gulaçlap başlandygyňy duýman galýarsyň. Seýilgähde oýnap ýören çagalara gözüm düşdi. Erkana çagalyk döwrüni gözel paýtagtymyzyň gujagynda geçirýän körpejeler, gör, nähili bagtly!

Ginnesiň rekordlar kitabyna giren birnäçe ajaýyp binalar, döwrebap ýaşaýyş jaýlary, seýilgähler, dynç alyş we söwda, saglyk merkezleri, milliligi bilen öwşün atýan deňi-taýy bolmadyk myhmanhanalar Aşgabadyň gözelligine görk goşýar. Nurana paýtagtymyzyň gözel keşbine syn etdigiňçe, mähriň ganyp, ruhuň galkynýar.

*Söýýän seni, Aşgabat,*
*Dünýämiz bolsun abat!* —

diýip ýaňlanýan aýdymyň şirin owazy kalbyň töründe orun tapýar.

Ajaýyp döwrümizde pajarlap ösüp, tanalmaz derejä ýetip, göwnüňi galkyndyrýan Aşgabat bütin dünýäde parahatçylygyň, ylalaşygyň, halklaryň arasyndaky dostlugyň hakyky merkezi hökmünde ykrar edildi. Paýtagtymyz ylym-bilimiň, halkara hyzmatdaşlygyň merkezi hökmünde mertebesiniň ýokarlanmagy netijesinde, türkmeniň döwletlilik ýörelgelerinden gözbaş alýar. Şäheriň keşbi ylmyň döwrebap gazananlaryna, şähergurluşyk tejribesiniň öňdebaryjy nusgalaryna, ýaşaýyş-durmuş üpjünçiliginiň kämil innowasion çemeleşmelerine daýanýar. Munuň özi paýtagtymyzyň keşbine oňyn halkara tejribäniň yzygiderli ornaşdyrylmagy arkaly, döwrebaplygyň ileri tutulýandygynyň aýdyň şöhlelenmesidir. Hormatly Prezidentimiziň giň göwrümli we aýdyň geljegi nazarlaýan beýik işleri, parasatly başlangyçlary bütin dünýäde ykrar edilýär. Hut şonuň esasynda hem ajaýyp döwrümizde Aşgabady ösdürmek, täze desgalaryň gurluşygy we onuň durmuş düzümini toplumlaýyn esasda döwrebaplaşdyrmak bilen baglanyşykly işler uly üstünliklere beslenýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap ata Watanymyzyň paýtagty Aşgabat Garaşsyzlyk ýyllarynda täze ösüş ýoluna düşdi. Gözel paýtagtymyz halkymyzyň söýgüsinden hem mährinden kemal tapýar. Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz Aşgabat şäheriniň ilatynyň we gelýän myhmanlaryň medeniýetli dynç almaklary üçin has amatly şertleri döretmek, şäheriň binagärlik, şähergurluşyk işini has-da kämilleşdirmek üçin tutumly işleri amala aşyrýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän beýik işler halkymyzy täze üstünliklere ruhlandyrýar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň syýasy-jemgyýetçilik hem-de halkara ähmiýetli, il-ýurt bähbitli taryhy wakalary ildeşlerimizi täze belent maksatlara galkyndyrýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň paýtagtymyzyň binagärlik keşbini mundan beýläk hem kämilleşdirmek ugrundaky taýsyz tagallalarynyň, möhüm teklipleriniň netijeleri häzirki wagtda merjen şäherimiziň döwrebap ösüşinde aýdyň şöhlelenýär. Medeni-durmuş maksatly binalaryň, ýaşaýyş toplumlarynyň töwereklerinde dürli görnüşli güller we baglara beslenen ýaşyl zolaklar, oýun meýdançalary, döwrebap ýolagçy duralgalary ýaly ähli amatlyklar döredilýär.

Ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň gözel paýtagtymyzy wasp edýän aýdymlary belentden ýaňlanýar, merjen şäherimiz ildeşlerimiz tarapyndan gyzgyn söýgä gurşalýar. Eşretli zamanamyzda paýtagtymyzyň gülläp ösmegi biziň her birimiziň başymyzy göge ýetirýär. Aşgabat, gözelligiň, ajaýyplygyň, bagtyýarlygyň merjen şäheridir. Bizi bagtyýarlyga ýetiren, ajaýyp döwürde ýaşadýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

**Ogultäç ALTYMYRADOWA,**
**Aşgabat şäher häkimliginiň «Aşgabat» döredijilik toparynyň artisti.**



# Belent mertebe

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ajaýyp günlerinde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşyna berk jebisleşen agzybir halkymyz goşa mukaddesligiň — Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň gününi egsilmez dabaralara, şatlyk-şowhuna besläp belläp geçdi. Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Döwlet baýdagy biziň asyrlaryň dowamynda kemala gelen milli döwletliligimiziň hem-de buýsanjymyzyň gözbaşydyr, abraý-mertebämiziň dünýä dolan belentligidir, abadançylygymyzyň we beýik ösüşlerimiziň dabaralanmasydyr. Ýurdumyzda giňden bellenilen baýramçylyk çäreleri hem muňa şaýatlyk etdi. Edara-kärhanalarda, medeni ojaklarda guralan baýramçylyk duşuşyklaryna, maslahatlara, «tegelek stoluň» başyndaky söhbetdeşliklere, döredijilik bäsleşiklerine, aýdym-sazly dabaralara ruhubelent ýaşlarymyz uly şatlyk we buýsanç bilen gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäher we etrap Geňeşleriniň meýilnamasy esasynda bagtyýar ýaşlaryň gatnaşmagynda geçirilen baýramçylyk duşuşyklarynda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň şanyna uludan toý toýlanmagynyň ähmiýeti dogrusynda aýratyn durlup geçildi. Munuň özi ýaşlaryň Esasy Kanunymyza we ýaşyl Tugumyza bolan buýsanjyny, söýgüsini goşalandyrdy, watançylyk ruhuny belende göterdi.

Ýurdumyzda toýlaryň toýa ulaşmagy, il-günümiziň eşretli günleriň hözirini görüp ýaşamagy ugrunda taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

**Ogulbäbek BAÝMYRADOWA,**
**Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäher geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri.**

# Sanly ulgam durmuşymyzda

Abadan we bagtyýar Diýarymyzda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen durmuşymyza giňden ornaşdyrylýan sanly ulgamyň mümkinçilikleri bedew batly ösüşlerimize täze badalga berýär. Döredilýän täze şertler döwrebap derejede ýaşamaga, döretmäge, ruhubelent zähmet çekmäge şert döredýär. Ýurdumyzyň ähli ýerlerinde bolşy ýaly, paýtagtymyzyň owadan köçeleriniň, şaýollarynyň ugrunda hereket howpsuzlygyna netijeli täsir edýän sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy raýatlaryň abadan durmuşyna netijeli täsir edýär. Häzirki wagtda poçtanyň, internetiň, telefonyň, gazyň, elektrik togunyň we beýleki durmuş hyzmatlarynyň ählisiniň tölegleri sanly ulgamyň üsti bilen geçirilýär. Bu bolsa raýatlarymyza wagty, zähmeti, çykdajyny tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Bilşimiz ýaly, ýurdumyzda gatnaşyklaryň esasy serişdeleri bolan ýollaryň gurluşygyna aýratyn ähmiýet berilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň 10-njy aprelinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat böleginiň açylyş dabarasy geçirildi. Bu möhüm waka ýurdumyzyň ulag ulgamynyň yzygiderli ösdürilýändiginiň nobatdaky aýdyň güwäsi boldy.

Aşgabat — Türkmenabat awtobany Diýarymyzdaky ulag taslamalarynyň iň irileriniň biridir. Onuň durmuşa geçirilmegi üstaşyr awtomobil gatnawlarynyň Aziýa — Ýuwaş umman sebitine çenli uzalyp gidýän awtoýollaryň köpşahaly ulgamyna çalt çykmagyny üpjün edýär. Türkmenistandan uzak aralyga ýükleriň çalt we arzan daşalmagyna mümkinçilik berjek täze ýokary tizlikli awtomobil ýoly kemala geldi. Bu ýol ýurdumyzyň logistika ulgamyny, işewürligi, döwletimiziň tutuş halkara gatnaşyklar ulgamyny diwersifikasiýalaşdyrmak bilen bagly wezipelerini çözmekde uly ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ulag-kommunikasiýa ulgamynda özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen başlangyçlarynyň netijeli häsiýete eýedigini aýratyn bellemek gerek.

Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlislerinde hem ýurt asudalygynyň üpjünçiligi baradaky hasabaty diňläp, ýurdumyzda hukuk bozulmalarynyň öňüni almak, asudalygy we jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, kanunylygy has-da berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri, ýol hereketiniň kadalarynyň, ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň berjaý edilmegini berk gözegçilikde saklamagyň möhümdigine ünsi çekýär hem-de bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berýär.

Ýollarymyzyň asuda, ömrümiziň rahat bolmagy üçin döredilýän ähli mümkinçilikleriň sakasynda duran Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Döwran AMANMYRADOW,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi müdirliginiň bölüm müdiri, polisiýanyň maýory.**



2026-njy ýylyň 21-nji maýy, penşenbe.

# AKYL SYNAGY



**KESELIGINE: 1.** Otjumak ösümlik. **4.** Ýurdumyzda bir etrap. **7.** Bili bükük, arkasy tüňňi. **9.** Kirişli saz guraly. **10.** Göwrüm ölçeg birligi. **11.** Görip, bahyl. **14.** San. **15.** Bir diliň elipbiýiniň ýazuw belgisi. **17.** Durky bilen, tutuşlygyna. **20.** Kär, hünär. **22.** Geplemsek. **24.** Möýüň duzagy. **26.** Zat galman tükenmek, gutarmak. **27.** Takyk däl, gümürtik.

**DIKLIGINE: 1.** Ýylgynyň guran şahalary. **2.** Gerek, zerur. **3.** Alys, uzak. **4.** Çaga, perzent, nesil. **5.** Egin-eşigiň ýakasy. **6.** Agaç gural. **8.** Kiçi erkek dogan. **9.** Ulag kysymy. **11.** Ownuk däl. **12.** Halyda esasy nagyş. **13.** Ýewropada bir dag. **15.** Husyt, gysganç. **16.** Käse. **18.** Ýyl hasaby ýöredilip ugran başlangyç pursat. **19.** Albaniýanyň pul birligi. **20.** Şygyr setirleriniň sözleriniň sazlaşygy. **21.** Mallaryň syňrykly gaty dabany. **23.** Rysgal. **25.** Gapa golaý ýer.

**Düzen Bahar ARAZMEDOWA, Türkmenbaşy şäheriniň taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň gazna saklaýjysy.**

## Gazetiň 20-nji sanynda çap edilen akyl synagynyň jogaplary:

**KESELIGINE: 1.** Sagat. **3.** Taryh. **6.** Rehil. **10.** Nal. **12.** Eserdeň. **13.** Ten. **14.** Mahym. **15.** Sakak. **17.** Hun. **18.** Admiral. **19.** Yza. **21.** Topuk. **23.** Kilim. **24.** Şagal.

**DIKLIGINE: 2.** Tar. **3.** Tal. **4.** Mekan. **5.** Tozan. **7.** Hemra. **8.** Aslynda. **9.** Delalat. **11.** Limon. **13.** Tokly. **16.** Mirap. **17.** Hekim. **20.** Artyk. **21.** Tom. **22.** Keş.

## Ykbalyň bagt ýyldyzy hemmelere miýesser etsin!

**Hamal (guzy 21. 03-20. 04)**

Öňümizdäki hepdede hamallar geljege gönügen meýilnamalaryny durmuşa geçirmek işlerini biraz çaltlandyrmaly diýen netijä gelerler. Bu meselede ýakynlaryňyz bilen maslahatlaşyp, başgaça garaýyşlary bolan adamlar bilen bilelikde hereket edip bilersiňiz.

**Sowur (öküzçe 21. 04-20. 05)**

Geljek hepdede köpden bäri garaşýan amatly pursatlarynyň döreýändigini görmek sowurlary has üýtgeşik garaýyş bilen işlemäge iterer. Käte meýilnamalaryňyzda durgunlylygyň ýüze çykmagy mümkin. Munuň üçin ruhdan düşmäň we işjeňligiňizi peseltmäň.

**Jöwza (ekizekler 21. 05-21. 06)**

Käwagtlar alyp barýan işleri jöwzalara biraz adaty we içgysgynç görünýär. Şonuň üçin olar geljek hepdäniň wakalaryndan has üýtgeşik netijelere garaşyp bilerler. Ýöne munuň üçin meýilnamalaryňyzy hem başgaça garaýyş bilen düzmelidigiňizi unutmaň.




**Seretan (leňňeç 22. 06-22. 07)**

Soňky wagtlarda işlerini täzeçil guramak isleseler hem, seretanlar şol bir netije bilen garşylaşýarlar. Şonuň üçin geljek hepdede siziň üçin iň esasy mesele meýilnamalaryňyzy gözden geçirmek bolar. Guramaçylyk usullaryňyz bilen birlikde işlere garaýşyňyza hem ünsli boluň.

**Eset (ýolbars 23. 07-23. 08)**

Öňümizdäki hepde esetler jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähmiýetiniň has artýandygyny duýarlar. Bu döwürde käbir işleriňiziň täze tanyşlyklaryňyz bilen utgaşjakdygyny bilmek size has ýnamly hereket etmäge ýardam berer. Özüňizi has şowly we işjeň duýup bilersiňiz.

**Sünbüle (gyz 24. 08-23. 09)**

Öý we maşgala durmuşy bilen baglanyşykly meýillerini durmuşa geçirmek sünbüleleri rahatlandyrýar. Geljek hepdede hem şeýle işler babatda has üýtgeşik meýilnamalary düzersiňiz. Dartgynly iş pursadyňyzda we durmuşyňyzda sizi rahatlandyrýan kiçeňräk üýtgeşmeleriň pikirleriňizi jemlemekde hem zerurlyga öwrülmegi ahmal.

**Mizan (terezi 24. 09-23. 10)**

Geljek hepdede gelip gowuşjak habarlar mizanlaryň isleýişlerinden biraz tapawutly bolar. Işleriňizi başga bir ugra gönükdirmeli bolmagyňyz hem mümkin. Esasy zat, ruhdan düşmäň we ikirjiňlenmeleriňiziň pikirleriňizi bölmegine ýol bermäň.

**Akrap (içýan 24. 10-22. 11)**

Öňümizdäki hepdede akraplar ýnamsyz hereketleriniň işlerine has çynlakaý täsir edýändigine näçe çalt düşünseler, olaryň özleri üçin bähbitli bolar. Pikirleriňiziň garjaşýan mahalynda geljek netijeleriňizi biraz goýbolsun edip, häzirki ýagdaýy gözden geçirmek iň oňat çözgütdir.

**Kowus (keman 23. 11-21. 12)**

Geljek hepde kowuslaryň çaltlyk bilen gelýän netijeleriniň özlerine ýeterlik sebäbi hem bolar. Käbir meýilnamalaryň ähmiýetine diňe siziň özüňiziň düşünmegiňiz mümkin. Şonuň üçin bu döwürde ýekelikde hereket etmek işiňize has oňat täsir eder.

**Jedi (owlak 22. 12-20. 01)**

Eger-de jediler geljek hepdede diňe öz garaýyşlary bilen iş alyp barmasalar, köp meselede daş-töweregindäki adamlaryň täsirinde galyp bilerler. Toparlaýyn meýilnamalarda, şärikli işlerde ylalaşyjy bolmagyň siziň paýyňyza düşmegi mümkin. Şonuň üçin rahat hereket edip, işleriňizi oňat seljeriň.

**Daluw (gowa 21. 01-20. 02)**

Geljek hepdede daluwlaryň maddy meýilnamalary bilen bagly döreýän mümkinçilikleri duşundan geçirmezlik üçin gyssagly alyp barjak işleriniň çözgüdini gözlemeli bolmagy ahmal. Meseläniň çözgüt möhleti siziň özüňize bagly bolar. Şol sebäpli size tygşytly guralan çykdajy we tapgyrlaýyn iş meýilnamasyny düzmek maslahat berilýär.

**Hut (balyk 21. 02-20. 03)**

Öňümizdäki hepde hutlary adatdan daşary pikirler gurşap alar. Hernäçe täze başlangyçlara höwesli bolsaňyz hem, ilki bilen, başlan meýilnamalaryňyzy tamamlaň. Soňra nobatdaky ädimleriňiz bilen bagly isleýşiňiz ýaly netijä gelip bilersiňiz. Jogapkärçiligiňizi ýatdan çykarmaň.

**Janyňyz sag, işleriňiz ugruna bolsun!**

## Abuna — 2026



### HORMATLY OKYJYLAR!

2026-njy ýylyň ikinji ýarym ýyllygy üçin «Aşgabat» gazetiniň çap edilýän görnüşine abuna ýazylyşyk möwsüminiň dowam edýändigini ýatladýarys. «Aşgabat» gazetiniň çap edilýän görnüşiniň alty aýlygynyň bahasy 8 manat 10 teňňe.

**Gazetimiziň belgisi: 69490.**

«Aşgabat» gazetiniň elektron görnüşine, hiç ýere barmazdan, el telefonyňyz arkaly, **«turkmenmetbugat. gov.tm»** internet sahypasyndaky hem-de onuň «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndaky «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasynyň üsti bilen ýazylyp bilersiňiz.

**Gazetiň elektron görnüşine ýazylmak üçin redaksiýanyň telefonlary: 39-96-24, 39-95-19.**



## Üýtgeşik muzeý

Dünýädäki üýtgeşik muzeýleriň biri hem Hytaýyň Ýunlu muzeýidir. Ol Foşan şäherinde ýerleşýär. Bu muzeý 2024-nji ýylda öz işine başlady. Muzeýiň umumy tutýan meýdany 1800 inedördül metre barabardyr. Onuň ýerleşýän ýeri bambuk tokaýlygy bilen gurşalýar. Muzeý daşky gurşawy goramaga bagyşlanyp, peýdalanylýan batgalyk suwlary öwrenmäge ýardam edýän ekologiýa toplumy bolup durýar. Şeýlelikde, ol dürli ýaşdaky adamlary bir ýere jemleýän özboluşly bilim merkezini emele getirýär. Onuň esasy aýratynlygy binagärlik gurluşydyr. Meýilnama boýunça muzeý tebigy gurşaw bilen sazlaşykda gurlup, landşaftyň aýrylmaz bölegini ýüze çykarýar. Bu ýerde guşlara, aýratyn hem, ak hokgarlaryň uly sürüsine syn etmek üçin ýörite synlaýyş diňi bar. Muzeý Bütindünýä binagärlik festiwalynda «Iň gowy medeni bina» adyna mynasyp boldy. Tebigy gurşaw bilen utgaşýan özboluşly desga dünýäniň dürli künjeginden gelýän jahankeşdelere öz gapysyny giňden açýar.



## Taryhy ýadygärlikleriň ojagy

Müsüriň iň meşhur sungat ojaklarynyň biri hem El-Giza şäherinde ýerleşýän Uly Müsür muzeýidir. Bu muzeý 2025-nji ýylda dabaraly ýagdaýda açyldy. Ol ägirt uly binagärlik ýadygärlikleri gadymy dünýäniň 7 täsinliginiň biri bolan we ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen Giza piramidalarynyň golaýynda ýerleşýär. Adamzat siwilizasiýasynyň ösüşine bagyşlanan bu medeni merkeziň gurluşygy 23 ýyl dowam etdi. Bahasy 1milliard amerikan dollaryna deň bolan Uly Müsür muzeýiniň tutýan meýdany 50 gektary eýeleýär. Muzeýde jemi 50 müňden gowrak eksponat ýerleşýär. Bu ýerde heýkeltaraşlyk, nakgaşlyk, amaly-haşam sungatynyň we arheologik ýadygärlikleriniň ençemesini görmek bolýar. Muzeý gymmatlyklary Müsüriň taryhy ösüşini şöhlelendirýän milli miras hasaplanýar. Muzeýde gadymy Gündogaryň taryhy, medeniýeti, ruhy dünýäsi barada giňişleýin maglumat berilýär.

**Internet maglumatlary esasynda taýýarlan Selim RASULOW.**

Aşgabat

ESASLANDYRYJYSY– AŞGABAT ŞÄHERINIŇ HÄKIMLIGI

Baş redaktor Annamyrat MÄMMEDOW

*Biziň salgymyz: 744004, Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany. «AŞGABAT» gazetiniň redaksiýasy.*

Elektron salgysy: asgabat-gazeti@sanly. tm

Telefonlarymyz:
Kabulhana — 38-62-24.
Jogapkär kätip — 39-96-24.
Bölümler: 39-96-34, 39-96-25, 39-96-23, 39-95-19.
Gazet Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi.
Bildirişleriň mazmunyna onuň eýesi jogap berýär.

QR kod arkaly gazeti elektron görnüşde okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň penşenbe güni çykýar.
GAZETIŇ BELGISI 69490.
Ölçegi A-3, möçberi 8 sahypa.
A-118706. Nusgasy 7600 sany.

Bahasy 30 teňňe.

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.